# Nobatguly Rejebowdan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Nobatguly Rejebowdan Nobatguly Rejebow

Nobatguly, kim sen?
Kim sen aslynda?
Asmany ataşmy gursakdaky ot?
Pýedestal bar dabanyňyň astynda,
A üstüňde haýkyryp dur eşafot!

Nebir ýaşadyň sen,
nebir ýazdyň sen,
Nebir söndüň,
Ne-de alawlap ýandyň.
Ýapyşak deý gelniň kalbynda galan –
Ne dogulýar,
Ne-de ölýär talantyň!

Sen gijeler dünýäň agysyn aglap,
Gündizlerne kyldyň şagal mesligin.
Mansur Hallajy deý ölmäge gorkup
Gursakda jaýladyň betbagt maslygyň!

Jaýladyň gursakda Arşyň pikirin,
Jaýladyň gan aglap şahyr messebiň.
Ýanardagy ýaly atylyp bilmän,
Hepbesiz ýaşadyň,
Öldüň hepbesiz!
Öldüň hepbesiz!

Melgunlar Nesimiň hamyn sypyryp,
Ony Bakylyga heýkel etdiler!
Seniň hamyň soýman,
boş söze yryp,
Içiňden mazmunyň sogrup gitdiler!

Sen ölümden gorkup ýaşap bilmediñ,
Sen ölümden gorkup ýazyp bilmediñ,
Sen ýanyp bilmediñ Ýanardag bolup
Pisada dönderlen çagy milletiñ!

Bakyda şa tagty garaşyp durka
Dilsiz gula öwrüldiñ sen panyda!
Nobatguly, hany seniñ sapançañ?
Kast eýlegil!
Rehmiñ gelsin janyña!

Ýurduñ alan çagy ogry-orramsy,
Türkmeniñ aýrylan çagy erkinden,
Alla durka,
Asman durka arkañda,
Ýeri, köpeý ogly gorkýarsyñ kimden?!

… Gaýta sen at alýañ,
Beýgeljek bolýañ,
Ýalan ýazýañ haýran edip uly ili.
Nobatguly, ýaşap ýörsüñ, unutma,
Gursagyñda jaýlap Nobatgulyny! Goşgular